# Goçlaryň urşy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Goçlaryň urşy

GOÇLARYÑ URŞY

Iki goçy çykardylar meýdana,
Olaryň güýçlerin synamak üçin.
Şonda başyn ýaýkap diýdi bir dana:
“Üýşdüňiz goçlary gynamak üçin!

Sebäp goç “goç” bolýar, adyndan belli,
Gaýduwsyzdyr olar, ýüregi ýelli.
Kösemäň olary, işiňiz telek!”
Emma duranlara netije gerek.

Ine-de söweşiň pursaty ýetdi,
Goçlar weli mundan darykmady hiç.
Şahlaryň düýbünden ot çykyp gitdi,
Garpyşyga girdi iki ägirt güýç.

Bu urşuň humary sämetdi seri,
Mähelläniň huşy asmana uçdy.
Goçlar ençe gezek sarsdyryp ýeri,
Ikisi-de ysgyn-mydardan gaçdy.

Ine, uruş tamam bolaýdy öýdýän,
Häki dana ynanamady gözüne.
Ol goç almytyny alaýdy öýdýän,
Gaçyp barýar tutdyryp ümdüzüne.

Häki dana diýdi: “Bu niçik ahwal,
Gaçmaz goçlar güýç kellesin owsa-da.
Bu ýerde bir syryň bolmagy ahmal,
Ol goçdugyn unudandyr ýogsa-da…”

Ýene dana diýdi, söýenip hasa:

“Bu däl meniň isleýänim, diýýänim!”
…Örtendi getirip bilmänsoň tasa,
Ýazylmadyk kanuny dünýäniň.

Azymberdi KAKAÝEW.

Goşgular